Gadymy grek edebiýaty dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda aýratyn orun eýeleýändir. Çünki onuň birnäçe asyrlar aşyp, kämilleşip, biziň şu günümize çenli gelip ýetmesi , edebiýatyň ynsan durmuşyndaky ajaýyp bir hazynadygyny açyp görkezýär.

Ynsan durmuşy bilen içgin gyzyklanmakdan ötri içki mifiki güýçler bilen hiç wagt dünýäsi aýrylmaz adamzat aslynda edebiýaty bir täsin toslama hökmünde görüpdir we şu günki güne çenli ylym hem-de sungat hökmünde asyrlardan aşyryp, biziň günlerimize getiripdir.Mifler biri-birine gapma garşylykly äheňde bolupdyrlar, sebäbi her gadym döwürlerde her bir jemgyýet öz miflerini döredipdir.

Olar jemgyýetiň dini durmuşynda örän wajyp rol oýnapdyr. Mifleriň
şeýle dini ähmiýeti olary ertekilerden we rowaýatlardan tapawutlandyrypdyr.Elbetde edebi eserler bilen adamalry arasyndaky arabaglanşyk olaryň ynançlary bilen bagly bolupdyr. Häzirki zamanda adamlar şeýle soraglaryň ylmy jogaplaryny we teoriýalaryny bilýärler. Şeýlelikde sungat bilen ylmyň, edebiýat bilen beýleki sungatlaryň arasyndaky arabaglanşyk edil çarhy – pelegiň aýlanyşy ýaly, aýlanyp durupdyr.

Emma gadym döwürlerde, hatda häzirem dünýäniň käbir ýerlerinde şeýle soraglara ylmy taýdan jogap berip bilmeýärler. Şol sebäpden olar şeýle tebigy hadysalary hudaýlar, hudaý aýallar we batyrlar baradaky hekaýatlar, gürrüňler bilen düşündirýärler. Şeýle gürrüňlere, hekaýatlara mifler, şeýle mifleri öwrenýän ylma bolsa mifologiýa diýilýär. Miflogiýalaryň ynsan tebigatyna täsiri bolsa, elbetde adamzat taryhynda iň bir ýokary orny eýeläpdir. Şol sebäpli-de edebi eser hökmünde ýatda galypdyr. Gadym döwürlerde her bir jemgyýet öz miflerini döredipdir.

Olar jemgyýetiň dini durmuşynda örän wajyp rol oýnapdyr. Mifleriň
şeýle dini ähmiýeti olaryň içinde halk ertekileri we rowaýatlary jemgyýetde terbiýeçilik, wagty boş geçirmezlik, diňleýjileriň içini gysdyrman, olary gyzyklandyryp güýmemek maksatlary üçin gürrüň berlipdir, emma mifleri döreden taýpalar, halklar olara hakykat hökmünde ynanypdyrlar. Şeýle mifler gadym döwürlerde türkmen halkynyň arasynda-da bolupdyr.

Ilkibada mifler biri- birine gapma garşylykly äheňde bolupdyrlar,
sebäbi her bir taýpa we her bir medeniýet merkezi hudaýlar we
gahrymanlar barada öz düşünjelerini beýan edipdir. Şol sebäpli olary
belli bir tertibe salmak zerurlygy ýüze çykypdyr.

Mifler biri-birine gapma garşylykly äheňde bolupdyrlar,sebäbi her bir taýpa we her bir medeniýet merkezi hudaýlar we gahrymanlar barada öz düşünjelerini beýan edipdir.

Все права защищены

Ertekilerden we rowaýatlardan tapawutlandyrypdyr. Emma şol taýpanyň ýa da halkyň mifi başga taýpalaryň,halklaryň arasyna ýaýranda olara erteki hökmünde garalypdyr.

**Akmal NIÝAZMETOW**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены